# XXI asyryň iň gowy 100 kitaby ☻

Category: Degişmeler,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
XXI asyryň iň gowy 100 kitaby ☻ XXI ASYRYŇ IŇ GOWY 100 KITABY ☻




“The Guardian” gazeti, öz işgärleriniň haýsydyr biriniň özüçe oýlap tapan haýsydyr bir ölçeglerinden ugur alyp, XXI asyryň iň gowy (has takygy “Baş”) 100 kitabynyň sanawyny düzüpdir. Geň galaýmaly ýerem, bu sanawda agzalan kitaplaryň birnäçe birmeňzeş alamatlary bar:

1. Olaryň aglaba köpüsi diýen ýaly iňlis dilinde neşir edilen kitaplar;

2. Olaryň aglaba köpüsi diýen ýaly iňlis-sakson döwletlerde ýaşaýan (ýaşan we işlän) ýa-da bilim-terbiýe alan awtorlar;

3. Olaryň aglaba köpüsinde diýen ýaly Günbatar jemgyýetleriniň, esasanam iňlis-sakson jemgyýetçilik

gurluşynyň artykmaç taraplary şekillendirilýär ýa-da duýulýar.☻

“The Guardian” gazetiniň “ýadyndan çykaran” ýa-da üns bermedik ikije zady bolsa, XXI asyryň heniz ýaňy bir bäşden bir böleginiň geçenligi we Adamzat siwilizasiýasyny emele getirýän häzirki döwürdäki 7,8 milliard adamdan diňe bäşden biriniň iňlis dilinde gepleýändigi ýa-da oňa düşünýändigi we iňlis dilinden başga-da Zeminde ýene-de 7116 sany dil bolup, olardan hytaý, arap, portugal, ispan, rus, fransuz, nemes dillerinde bolsa, milliardlarça ýa-da ýüz millionlarça adamyň gepleýändigi hem okaýandygy bolup durýar.☻ Degişmeler